# Wah, dünýe öňki däl

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Wah, dünýe öňki däl WAH, DÜNÝE ÖŇKI DÄL

Dünýe öňki däl,
A, ykbal öňki.
Bu men, Seňki däl,
Sen kimiňki?
Ýanar hyýalymyň,
Sypyrlan hamy,
Özgäň hyýaly men,
Ýazygym barmy?

Ynjyly söz aýtma,
Meniň adyma,
Hemem hiňlenme-de,
Tukat aýdyma,

Hoş, gidiber onda,
Jowranma juda,
Men galaýyn munda,
Bagtdan jyda.

Heserden gura:ryn,
Tilim senada,
Halyňy soraryn,
Darel-penada.

Wah, dünýe öňki däl,
A, ykbal öňki.
Bu men, Seňki däl,
Sen kimiňki?

Şähribossan GELDIMÄMMEDOWA. Goşgular